THE ASHGABAT TIMES

# ABŞ-da häkimiýetler amerikanlaryň Hytaýyň DeepSeek atly emeli intellekt ulgamyna girmegini gadagan etmegi meýilleşdirýär

New York Times gazetiniň habaryna görä, Donald Trampyň administrasiýasy amerikanlaryň Hytaýyň DeepSeek atly chatbotyna girmegini gadagan etmek mümkinçiligini göz öňünde tutýar.

Häkimiýetler Hytaý kompaniýasynyň amerikan tehnologiýalaryny, hususan-da Nvidia emeli intellekt çiplerini satyn almagyny gadagan etmegi hem göz öňünde tutýarlar. Bu ädimler ABŞ-nyň hökümetiniň Hytaýyň emeli intellekt tehnologiýalary boýunça ösüşinden yza galmak aladalary bilen baglanyşykly bolup, bu ýagdaý milli howpsuzlyk we geopolitika üçin möhüm täsirleri döredip biler diýlip bellenilýär.

Mundan başga-da, ABŞ DeepSeek kompaniýasynyň amerikan çiplerini satyn almak boýunça bar bolan çäklendirmeleri bozup-bozmandygyny anyklamaga çalyşýar. Synçylaryň bellemegine görä, amerikanlaryň DeepSeek-e girmegini çäklendirmek we amerikan tehnologiýalarynyň satylmagynyň öňüni almak bilen, ABŞ hökümeti Hytaýyň emeli intellekt boýunça ösüşinden gelip çykýan howpy ýok etmek isleýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025